# Diýmedim

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Diýmedim

DIÝMEDIM

Men saňa “gülüm” diýmedim,
Sebäp gülüň ömri gysaga.
Men seni gussa dözmedim,
Sen meni dözseň-de gussa.

Gözler aglap kör bolupdyr,
Şoň üçin diýmedim “didäm”.
Bu gün arzuwlam tümlükde,
Sermenip ýör seni idäp.

“Dürüm” diýmedim, sebäbi
Bendi edýän zynaty bar.
“Bagtym” diýmedim men saňa,
Bagtyň goşa ganaty bar.

“Ýüregim” diýerdim mydam,
Alnyňdan ogşan pursatym.
Şoň üçin boşap galypdyr,
Seni gizlän bu gursagym.

Azymberdi KAKAÝEW.

Goşgular